

### «SPORT» MYHMANHANASY

*On gatdan ybarat 800 orunlyk «Sport» myhmanhanasy Olimpiýa şäherjiginiň günorta böleginde ýerleşmek bilen, bu myhmanhanada metbugat işgärleri üçin merkez hem bar. Myhmanhanada kafeler, restoranlar, iş maksatly duşuşyklar üçin otaglar, 700 orunlyk maslahat zallary, resmi kabul edişlikler üçin zallar, sport we sagaldyş bölümleri, spa merkezleri ýerleşýär.*



### «TÜRGENLER» MYHMANHANASY

*Olimpiýa şäherjiginiň çäginde, sport desgalarynyň edil ýanynda türgenler üçin niýetlenendir. Bu ajaýyp bina dünýäniň çar künjeginden gelýän müňlerçe türgenleriň we myhmanlaryň oňaýly şertlerde ýaşamagy üçin amatly edilip guruldy.*

### OLIMPIÝA ŞÄHERJIGINE HOŞ GELDIŇIZ!




*Olimpiýa şäherjiginiň interaktiw kartasy*

*Dünýä çempionaty barada maglumatlar*

*https://sportcom.gov.tm*

*http://kurash-ika.org*

XIV WORLD KURASH CHAMPIONSHIP

# ASHGABAT

**23-28 NOVEMBER 2023**

## KURAŞ BOÝUNÇA XIV DÜNÝÄ ÇEMPIONATY

## AŞGABAT 2023

*2023-nji ýylyň 23-28-nji noýabry*

XIV WORLD KURASH CHAMPIONSHIP

ASHGABAT

23-28 NOVEMBER 2023

*Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatynyň nyşanynyň merkezinde kuraş boýunça türgeniň şekili türkmen alabaýynyň keşbinde berildi. Arka tarapynda ýerleşdirilen ýer şarynyň abstrakt görnüşi onuň dünýä derejesindäki çäredigini aňladýar. Olaryň daşyny kuraş sportuna mahsus bolan guşakly halka gurşap alýar. Döwrebaplaşdyrylan şekiller kuraş boýunça dünýä çempionatynyň nyşanyna özboluşly milli öwüşgin berýär.*

## *AŞGABAT ŞÄHERINIŇ OLIMPIÝA ŞÄHERJIGINIŇ «BAŞA-BAŞ SÖWEŞ SUNGATY» SPORT TOPLUMYNDA GEÇIRILJEK KURAŞ BOÝUNÇA XIV DÜNÝÄ ÇEMPIONATYNYŇ MEÝILNAMASY*

| | |
|---|---|
| *2023-nji ýylyň 23-nji noýabry, penşenbe* | |
| **Günüň dowamynda** | **Kuraş boýunça dünýä çempionatyna gatnaşyjylaryň Aşgabat şäherine gelmegi.** |
| 18:00 - 20:00 | Halkara Kuraş Assosiasiýasynyň ýygnagy. |
| *2023-nji ýylyň 24-nji noýabry, anna* | |
| Günüň dowamynda | Dünýä çempionatyna gatnaşýan döwletleriň milli ýygyndy toparlaryny hasaba almak. |
| 18:00 - 19:00 | Tälimçiler we eminler üçin geçiriljek halkara okuw-seminar maslahatyna gatnaşyjylary hasaba almak. |
| *2023-nji ýylyň 25-nji noýabry, şenbe* | |
| 09:00 - 12:00 | Dopinge garşy halkara barlag gullugynyň guramagynda (ITA) tälimçiler üçin seminar. |
| 10:00 – 12:00 | Žurnalistler üçin media-forumy. |
| 14:00 - 18:00 | Halkara Kuraş Assosiasiýasynyň Kongresi (ýurtlaryň milli federasiýalarynyň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda). |
| **19:30 - 20:30** | **Dünýä çempionatynyň açylyş dabarasy.** |
| *2023-nji ýylyň 26-njy noýabry, ýekşenbe* | |
| 09:00 - 13:00 | Tälimçiler we eminler üçin halkara okuw-seminar maslahaty. |
| 15:00 - 17:00 | Tälimçiler we eminler üçin halkara okuw-seminar maslahaty. |
| 15:00 - 17:00 | Halkara Kuraş Assosiasiýasynyň guramaçylyk toparynyň ýygnagy. |
| 17:00 - 18:00 | Eminleriň ýygnagy. |
| **18:00 - 19:00** | **Ähli agram derejeleri üçin resmi bije çekişlik.** |
| *2023-nji ýylyň 27-nji noýabry, duşenbe* | |
| **07:30 - 08:30** | **Agram çekilişik:<br>Erkekler: -90kg / -100kg / +100kg;<br>Zenanlar: -48kg/ -52kg/ -57kg/ -63kg/ -70kg/** |
| **10:00 - 13:00** | **Ýokardaky agram derejelerde deslapky tutluşyklar.** |
| **15:00 - 18:00** | **Ýokardaky agram derejelerde ýaryşyň ýarym final tutluşyklary.** |
| **18:00 - 19:30** | **Ýokardaky agram derejelerde ýaryşyň jemleýji tapgyry, final tutluşyklary.** |
| **19:30 - 20:30** | **Dünýä çempionatynyň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy.** |
| *2023-nji ýylyň 28-nji noýabry, sişenbe* | |
| **07:30 - 08:30** | **Agram çekilişik:<br>Erkekler: -60kg / -66kg / -73kg / -81kg;<br>Zenanlar: -78kg/ -87kg/ +87kg/** |
| **10:00 - 13:00** | **Ýokardaky agram derejelerde deslapky tutluşyklar.** |
| **15:00 - 18:00** | **Ýokardaky agram derejelerde ýaryşyň ýarym final tutluşyklary.** |
| **18:00 - 19:30** | **Ýokardaky agram derejelerde ýaryşyň jemleýji tapgyry, final tutluşyklary.** |
| **19:30 - 20:30** | **Dünýä çempionatynyň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy.** |
| **20:30 - 23:00** | **Resmi ýapylyş agşamlyk nahary.** |
| **Günüň dowamynda** | **Kuraş boýunça dünýä çempionatyna gatnaşýan daşary ýurtly toparlaryň gaýtmagy.** |



## *OLIMPIÝA ŞÄHERJIGI*

*Ýurdumyzda özboluşly iri sport toplumlarynyň biri hem Olimpiýa şäherjigidir. Merkezi Aziýa sebitinde deňi-taýy bolmadyk Olimpiýa şäherjigi 157 gektar meýdanda ýerleşip, 30-dan gowrak dürli desgalary öz içine alýar.*




## *BAŞA-BAŞ SÖWEŞ SUNGATY SPORT TOPLUMY*

*5000 tomaşaçylyk bu arenada başa-baş göreş sportunyň köp görnüşleri boýunça ýaryşlary geçirmek mümkin. Esasy zalyň ölçegi 52x30m bolup, ol bir wagtyň özünde üç sany tatami ýerleşdirmäge mümkinçilik berýär.*